# Bararyn men

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Bararyn men BARARYN MEN



Durmasyn arada ol ýüpek perde,
Şemaldan don geýip, duý, bararyn men.
Pikirlerim ýolun ýitirse serde,
Gel, boş peltäme ýag guý, bararyn men.
Kelebi çözlärler özüçe her kim,
Wysaly gözlänler hijrandan ürken,
Maña bagly bolsa, wah, ýetse erkim,

Bolsa bolsun daglar, goý, bararyn men.

Bu dagyñ duşuran jülgesi bardyr,
Bolşuma pelegiñ gülmesi bardyr,
Sensiz ýüregimiñ » külbesi» dardyr,
Ýüregim üşeýär, çoý,
bararyn men.

Telbe deý ýollaryñ hanjagy ugursyz,
Köñlüñ depesinde sanjagym dursun,
Tüssesiz ot isläp ýanjagym gursun,
Pikire nyşan ber-ýaý,
bararyn men.

Söz söhbetim däne sepsin mülküñe,
Maña tiken ýetdi, aýdaý, gül kime?
Özümdenem gysganypdym ilkiler,
Yşk käsäme umyt guý,
bararyn men.

Dost, nesipde ne bar, paý,
bararyn men.
Tene däl, köñle dost saý,
bararyn men. Goşgular